# Jüneýt han we Eziz han

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Jüneýt han we Eziz han DEMIRGAZYK TÜRKMENISTANDA JÜNEÝT HANYŇ ÝOLBAŞÇYLYGYNDA RUS BASYBALYJYLARYNA GARŞY GÖREŞLER

**Jüneýt hanyň 60 ýyllyk göreş ýoluna syn!**

**JÜNEÝT HAN WE EZIZ HAN: ROWAÝATLAR**

Jüneýt han bilen baglanyşykly il arasynda köp gürrüňler hem ýatlamalar saklanyp galypdyr. Ynha ,olardan biri:
**«Halk arasyndaky gürrüňe görä, Owganystanda ýören wagty Eziz han, Türküstandaky Tezarizime garşy gozgalaňçylyk hereketiniň ýolbaşçysy Jüneýt han bilen ilkinji gezek duşuşypdyr. Jüneýt han hem Owganystanda Eziz han ýaly rus patyşasynyň gullukçylarynyň yzarlamagyndan gizlenip ýören eken. Eziz hakda ozalam köp eşidip ýören Jüneýt han ony ilkinji gezek görende, oňa göwnündäkini ýaňzydyp şeýle diýenmiş: «Serdar, seniň nähili gowy ýaragyň bar eken! donuňam gowy eken! Telpegiň hasam ajap eken!» Eziz han onuň näme diýjek bolýanyna düşünipdir, ýöne sesini çykarmandyr. Soňky gezek duşuşanlarynda Tejenli serdar Eziz han- Jüneýt hanyň ýanyna sowgatly gelipdir. Ol özüniň iňlis mauzerini hem kazak karabinini, tüpeňini hem gysganmandyr, egnindäky a:gar çäkmenini hem gysganmandyr. Hywa hany hem bergidar bolup galmandyr. Ol hem Eziz hana kümüş uýanly ýomut atyny beripdir. «Telpegiňi dözmediň öýdýän? — diýip, Jüneýt han müýnsürän bolanmyş—ýa-da düşünmediňmi? Telpegiň maňa beýleki zatlaryňdan has gowy ýaraýardy»— «Telpek özümiňki, han aga» — diýip, Eziz han gaba telpegini maňlaýyna süýşürip jogap berenmiş. — «Ol meniň kellämiň bezegi, telpegimi bersem, ertir sen meniň kellämi dilärsiň. Kellämi bolsa diňe telpegim bilen bile alyp bilersiň…»**
**Jüneýt han çyparrak murtunyň astyndan çalaja gülümsiränmiş: «Bu Tejenli serdar bilen oýun eder ýaly däl. Ol synagdan**

**kemsiz geçdi.» diýenmiş.**

Ýene-de aýtmaklaryna göra meşhur «Çuwal bagşy» lakamly Magtymguly Garly, hanyň halan bagşysy bolupdyr. Jüneýt han, bagşyny mydama goldap gelipdir. Eýrana aşmakçy bolanda ony özi bilen alyp gitmegi ýüregine düwüpdir, ýöne käbir sebäplere görä bu iş amala aşmandyr.

Ilkinji Türkmen puluny çykaran hem Jüneýt han bolupdyr. Hywadan Türkmensährranyň hazar ýaka Omçaly obasyna sygnan meseur ruhany Yşan Piri bilen 1982-nji ýylda gürrüňdeş bolamda, Jüneýt hanyň ýüpek mata basylan ýörite pulunyň bardygyny aýtdy.

**Arne GOLI**

**Taryh ylymlarynyň kandidaty** Taryhy makalalar